TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMENISTANYŇ MILLI BILIM INSTITUTY

# Türkmen dili sapagynda okuwçylaryň orfografik we punktuasion endigini ösdürmek



AŞGABAT – 2016

# Meýilnama:

1. Mekdepde orfografiýany we punktuasiýany okatmagyň maksady.

2. Orfografiýany we punktuasiýany okatmagyň tärleri we usullary.

3. Okuwçylaryň ýazuw işlerinde orfografiýa we punktuasiýa boýunça goýberen ýalňyşlaryny hasaba almak we klassifisirlemek.



## Okuwçylaryň ýazuw işlerinde goýberýän orfografik we punktuasion ýalňyşlaryny hasaba almagyň we düzetmegiň ýollary

Okuwçylaryň orfografik we punktuasion ýalňyşlaryny hasaba almagyň uly peýdasy bar.

**Olar:**

- sapakda geçilen materiallaryň we olaryň bölümleriniň haýsy biriniň gowy özleşdirilendigini ýa-da ýeterlik özleşdirilmändigini;
- haýsy okuwçynyň ýetişýändigini ýa-da ýetişmeýändigini;
- geljekde haýsy işlere aýratyn üns çekmelidigini kesgitlemäge kömek berýär.

Okuwçylaryň orfografik we punktuasion ýalňyşlaryny hasaba almak ýazuw işleri bilen baglanyşyklydyr. Okuwçylaryň ýazuw işleri barlanan halatynda, ähli ýalňyşlar ýüze çykarylýar. Ýöne okuwçylaryň ýazuw işlerine baha goýlanda, onda diňe öwrenilen kadalara degişli ähmiýet berilýär. Bu ýagdaýda mugallym ýazuw işi barlap, olara degişli baha goýýar we goýberlen ýalňyşlaryň sanyny görkezýär. Işe baha goýlanda, özbaşdak ýerine ýetirilen işiň hiline we ýumşuň aňsat- kynlygyna aýratyn üns berilýär.

Mysal üçin, okuwçy gönükmäni göçürip ýazmak boýunça orfografik ýumşy ýerine ýetirýän bolsa, onda baha goýlanda, oňa aýratyn berk talap bildirilýär. Sebäbi okuwçy ol ýumşy ýerine ýetirmekde, barlag ýa-da sözlük diktantlaryndaky ýaly, agyr kynçylyk (pikirlenme taýdan) görmeýär.

Mugallym okuwçylaryň ýazuw işlerine baha goýmakda Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanylan ýeke-täk talaplar we baha ölçeglerinden gelip çykýan düzgünnamadan (normalardan) ugur almalydyr.

Mugallym okuwçylaryň ýazuw işlerini barlanyndan soň, ýalňyşlary degişli toparlara (klassifisirlemek) bölýär. Ýalňyşlary toparlar boýunça bölmek degişli synpdaky okuwçylaryň ýazuw işlerine mahsus bolan ýalňyşlaryň görnüşlerini (tip) ýüze çykarmak we özleşdirmesi kyn bolan ýazuw kadalary boýunça aýratynlykda iş (ýumuş, gönükme we ş.m.)geçirmekdir. Eger-de okuwçy bir çärýegiň dowamynda ýerine ýetiren ýazuw işlerinde dodak çekimlileriň ýa-da dymyk çekimsizleriň açyklaşmak düzgünlerine degişli orfografik ýalňyşlary goýberýän bolsa, onda ol ýalňyşlaryň gaýtalanmazlygynyň öňüni almak üçin, şol kadalara degişli orfogrammaly ýumuşlar saýlanylyp alynýar. Bu iş tutuş synp boýunça gaýtalanylyp durulýar.

Okuwçylaryň orfografik ýalňyşlary dürli-dürli bolup biler. Şoňa laýyklykda olar mazmunyna görä toparlara bölünýärler. Biz olaryň bir nusgasyny hödürleýäris.

1. Tablisa.

**Okuwçylaryň orfografik ýalňyşlaryny düzetmek işi aşakdaky ýaly geçirilýär. Olar:**

## I. Mugallymyň sapakdan boş wagty geçirýän işi.

1. Okuwçylaryň ýazuw işlerini barlamak.
2. Okuwçylaryň goýberen ýalňyşlaryny hasaba almak we toparlara bölmek.
3. Okuwçylaryň goýberýän ýalňyşlaryny düzetmek ýa-da özleşdirip ýetişmedik kadalary boýunça usullary saýlamak, gönükmeleri toplamak.

## II. Sapakda orfografik ýalňyşlar boýunça iş geçirmek.

1. Okuwçylaryň ýerine ýetiren ýazuw işiniň hilini häsiýetlendirmek we bahalandyrmak.
2. Okuwçylaryň goýberen ýalňyşlary boýunça orfografik kadalary düşündirişi.
3. Okuwçylaryň dürli ýumuşlary ýerine ýetirişi boýunça frontal iş.
4. Okuwçylaryň özleşdirmegi başarmadyk kadalary boýunça orfografik iş.
5. Ýerine ýetirilen işleri barlamak we bahalandyrmak.

## III. Okuwçylaryň mugallymyň tabşyrygy boýunça özbaşdak işi we olary barlamak, bahalandyrmak.

**Okuwçylaryň punktuasion ýalňyşlaryny hasaba almagyň we düzetmegiň ýollary**

Okuwçylaryň ýazuw işinde goýberýän punktuasiýa ýalňyşlary hem, orfografik ýalňyşlar ýaly, hasaba alynmaga we düzedilmäge degişlidir.

Okuwçylaryň punktuasion ýalňyşlaryny hasaba almagyň uly peýdasy bar. Olar:

okuwçylaryň punktuasiýa degişli kadalary özleşdirişini we onuň ýazuwda ýerine ýetirilişini anyklamaga;

punktuasion kadalaryň haýsy biriniň özleşdirmesiniň kyndygyny hem-de kimiň özleşdirmekde kynçylyk çekýändigini ýüze çykarmaga;

ýazuw işiniň haýsy pursadyna we punktuasion kadalaryň haýsy birine aýratyn üns bermelidigini anyklamaga;

punktuasiýa degişli materiallaryň haýsy biriniň gaýtalamaga degişli bolýandygyny kesgitlemäge kömek berýär.

Okuwçylaryň punktuasion ýalňyşlary dürli-dürli bolup biler. Şoňa laýyklykda olar toparlara bölünýärler. Biz olaryň bir nusgasyny hödürleýäris.

**2. Tablisa.**

**Okuwçylaryň punktuasion orfografik ýalňyşlaryny düzetmek işi orfografik ýalňyşlar boýunça berlen tapgyrlardaky ýaly geçirilýär (seret: orfografik ýalňyşlar).**

## Edebiýatlar


1.Ahally S., Garaýew N., Maşakow H. Ene dilini okatmak metodikasy. Aşgabat, 1967.

2. Garaýew N., Garaýew Ý. Mekdepde türkmen dilini okatmagyň usulyýeti. Aşgabat, 2004.

3. Haljanow Ş. Garaşsyzlyk pedagogikasy. Aşgabat,1995.

4.Pirliýew G. Mekdepde türkmen diliniň orfografiýasyny öwretmek. Aşgabat,1977.

5. Баринова Е. А., Боженкова Л., Ф., Лебедев В. И. Методика русского языка. Москва, 1974.

# Taýýarlan: Ý.Garaýew, TMBI-niň Dil we edebiýat bölüminiň müdiri

## Diňläniňiz üçin sag boluň!

